# Ýüregedüşdi / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýüregedüşdi / hekaýa ÝÜREGEDÜŞDI

Işden soň dostum Amangulynyň keselhanada syrkaw ýatan ejesini soramaga gitdik. Wraçdan rugsat alyp, egnimize ak halat atyp, ikimizem palata girdik. Bizi görüp, Amangulynyň ejesi ýuwaşlyk bilen ýatan ýerinden galyp, krowadyň üstünde zordan dik oturdy. Men palata girişime salam berip, dik duran ýerimden syrkawyň hal-ýagdaýyny soradym. Amanguly getiren iýer-içer ýaly zatlaryny tumboçka salyşdyrdy. Soňra oturgyç alyp, ejesiniň gaşyna geçdi, ykjam oturdy-da, ýuwaşjadan söze başlady:
– Eje, ýagdaýyň gowumy?!
– Hawa, oglum, gowy.
– Eje, düýnküden tapawudy bildirýämi?
– Hawa, bildiýä…
– Eje, gowy seredýärlermi? Bolmasa, men wraçy göreýin!..
– Azara galyp ýörme, oglum! Gowy seredýärler.
– Näçe wagtyna derman berýärler?
– Dört wagtyna.
– Hemmesini içýäňmi?
– Hawa, içýän, içmesem bolmaz-a.
– Eje, günde näçe gezek ukol edýärler? Haýsy wagtlar?
– Dört gezek, her alty sagatdan.
– Eje, ukol edenlerinde iňňäni agyrtman sünçýärlermi? Medsestralar ökdemi?şular ýaltanyp, käwagt öwrenje praktikantlara-da ukol etdiräýýäler – diýip, öz gürrüňini tassyklatjak bolýan ýaly, meniň ýüzüme seretdi. Men oňa baş atdym hem:
– Indi gaýdaýaly, Amanguly! – diýip, duýudyrş berdim. Sebäbi onuň ejesi zordan otyrdy. Ol Amangulynyň soragyny jogapsyz galdyrdy. Amanguly:
– Eje, agyrdýalar diýdiňmi?! – diýdi.
– Ýok, oglum, agyrdanoklar.

– Bolýa-da, agyrtmasalar. Eje, düýnem ukol etdilermi?
– Hawa.
– Onsoň ukoldan soň ganymatlşanyň bildirdimi?
– Hawa – diýip, Amangulynyň ejesi ýuwaşlyk bilen başyny ýassyga goýberdi. Elbetde, onuň dik oturmaga mejaly ýokdy. Indi hoşlaşyp gaýdybersek bolaýjakdy welin, Amanguly ony etmedi.
– Eje, öňňinki ukol gowy peýda etdimi ýa düýnki? Bu günk-ä bildirýän däldir?!
Ejesi halys mejalsuyz bolansoň, jogap bermedi. Amanguly soragyny ýene-de gaýtalady. Ýene jogap bolmady. Amanguly howsala düşdi-de, birden gaty sesi bilen:
– Eje! Eje! Saňa näm boldy?! Wraçy çagyraýynmy?! – diýip gygyrdy. Aljyrap, ýüzi-gözi üýtgäp, bir agaryp, bir gyzardy. Gözüni ejesinden aýyrman durşuna:
– Medsestra, medsestra, gelsene! – diýip, gygyryp başlady. Şol wagtam ejesi ýatan ýerinden ýuwaşja pyşyrdady:
– Bar, gitsene, oglum! Sorag berip, ýüregimi suw etdiň-le. Gitsene. Ýagşy-la men… – diýdi.

Atamyrat ÇARYMUHAMMEDOW.

“Edebiýat we sungat” gazeti, 1988 ý Satiriki hekaýalar